Ene-mamalarymyz nesil terbiýesinde nahar başynda ýaramaz, ýakymsyz zatlar barada gürrüň etseň, agzyňda çeýnäp oturan lukmaňy iýip gutarmazdan, ýene agzyňa lukma salsaň, saçak başyndan turmazyňdan öň tagam-hezzet üçin Biribara alkyş aýdyp, berenine şükür edip, töwir galdyrmasaň perişdeleri gorkuzdygyň, şeýtanyň alyna gitdigiň bolar.  Saçak öý eýeleriniň başlamagy bilen açylýar. Ýogsam öýüň bereketi gaçarmyş diýen ýaly dürli yrymlary ýerlikli peýdalanypdyrlar. Bu bir tarapdan, perzentleriň saçak başynda özlerini alyp barşyny kadalaşdyrsa, beýleki bir tarapdan saçak başynyň milli edep kadalarynyň inçeden, çeýe bir bitewi ulgamynyň kemala gelmegine şert döredipdir.

Geliň olaryň käbirlerini ýatlap geçeliň!

Saçak başyna duzuň, saçagyň hormatyna eliňi ýuwup geçmeli.

Saçak başynda duzuň, saçagyň hormatyna çöregiňi, naharyňy dik oturyp iýmeli, gyşaryp, ýassyk tirsekläp ýatmak gelşiksiz görlüp, uly günä hasaplanýar.

Saçak başyndan turulmazdan öň iýen duzuň, nanyň hormatyna töwir galdyrmaly.

Saçak başyndan turulansoň eliňi (agşamlyk nahardan soň dişiňi) ýuwmaly.

Ene-mamalarymyz saçagy düýe ýüňünden dokapdyrlar. Olar öýde namazlyk, misden edilen kündük, bilen birlikde düýe ýüňünden edilen saçagyň saklanmagyny parz hasaplap, bu zatlaryň öýe rysgal-döwlet, bereket hem sogap getirýändigine ynanypdyrlar. Saçagyň ýedi hazynanyň biri hasaplanýan düýäniň ýüňünden edilmeginiň-de özboluşly manysy bardyr. Çünki düýe maly milletimizde arassalygyň, päkligiň, halallygyň alamaty, berekediň, bolçulygyň nyşany hasaplanýar. Ýeri gelende düýe ýüňünden edilen saçakda çöregiň we çörek önümleriniň heňlemän, gataman ýaramlylygyny uzak wagtlap saklaýandygyny-da aýratyn bellemelidiris. Bu bolsa, ene-mamalarymyzyň baý durmuş tejribesiniň bolandygyny, olaryň hiç bir zady yrýa etmän ýerlikli peýdalanandyklaryny görkezýär.

**Şekersoltan MELEJÄÝEWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024